Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2019-njy ýylyň 25-nji martynda çykaran 86 belgili
**B U Ý R U G Y**

010.150.010
140.030.020
090.100.110

**Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna we olardaky suwuň hiline bildirilýän Sanitariýa кadalaryny tassyklamak barada**

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy, 2019 ý., № 2, 365-nji sahypa)

Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksini, «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 25-nji we 44-nji maddalaryny we Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna we olardaky suwuň hiline bildirilýän Sanitariýa кadalaryny tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli hem-de resmi çap edilen güni barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy A.Gylyjowa tabşyrmaly.

**Ministr** **N.Amannepesow**

*Ylalaşyldy:*
*«Türkmenstandartlary»Baş döwlet gullugynyň başlygy* *M.Kakabaýew*
*«25» mart 2019 ý.*
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministri* *S.Selimow*
*«25» mart 2019 ý.*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2019-njy ýylyň 25-nji martynda
çykaran 86 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna we olardaky suwuň hiline bildirilýän Sanitariýa кadalary**

# I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna we olardaky suwuň hiline bildirilýän Sanitariýa kadalary (mundan beýläk - Sanitariýa kadalary) Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksiniň 54-nji maddasyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Sanitariýa kadalarynyň talaplarynyň berjaý edilmegi eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, akwaparklary taslamalaşdyrmak, gurmak, durkuny täzelemek hem-de ulanmak bilen bagly işleri amala aşyrýan ýuridik we fiziki şahslar üçin hökmany bolup durýar.

3. Şu Sanitariýa kadalary akwaparka gelýänlere we akwaparkda işleýänlere suw, howada gaýýan suw bölejikleri, howuzlaryň, ýerleriň we attraksionlaryň we ş.m. çygly üstleri arkaly Akwaparka gelýänlere we işleýänlere ýokuşyp biljek ýokanç we parazitar kesellerini döredіji mikroorganizmleriň Sanawynda (şu Sanitariýa kadalaryna 1-nji goşundy) görkezilen ýokuşyp biljek ýokanç we parazitar keseller babatynda epidemiologiýa howpsuzlygyny üpjün edýär, şeýle hem suwuň we howanyň himiki düzüminiň ähtimal bolan zyýanly ýa-da gyjyndyryjy täsiriniň öňüni alýar.

4. Akwaparklarda sanitariýa-epidemiologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen kanagatlanarly sanitariýa-epidemiologiýa netijenamalary bolan suwy taýýarlamagyň meýilleşdirme çözgütleri, usullary we tehnologiýa dessurlary (reglamentleri) hem-de enjamlary, himiki täsirli serişdeleri (reagentleri), dezinfeksiýa serişdeleri we gurluşyk materiallary ulanmak hökmanydyr.

5. Akwaparklarda ulanylýan enjamlar we gurluşyk materiallary himiki täsirli serişdeleriň we dezinfeksiýa serişdeleriň täsirine durnukly bolmalydyr hem-de ýokary hilli mehaniki arassalaýyş we dezinfeksiýa işleriniň geçirilmegine mümkinçilik bermelidir.

6. Gurlan ýa-da durky täzelenen ýa-da täzeden enjamlaşdyrylan, şeýle hem dürli sebäplere görä işi wagtlaýyn togtadylan akwaparklaryň ulanyşa girizilmegine, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň sanitariýa-epidemiologiýa netijenamasy esasynda ýol berilýär.

7. Akwaparklar ulanylanda «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň başlygynyň 2018-nji ýylyň 2-nji oktýabrynda çykaran 215 belgili buýrugy bilen tassyklanylan, TDS – P 52604-2012 «Suwly attraksionlar. Ulanylan wagtyndaky

howpsuzlyk. Umumy talaplar» we TDS – P 53130-2008 «Attraksionlaryň howpsuzlygy. Umumy talaplar» döwlet standartlarynyň talaplary berjaý edilmelidir.

8. Akwaparklary ulanyjy ýuridik ýa-da fiziki şahslar, akwaparklaryň işini talaba laýyk üpjün etmek maksady bilen, ýerli arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklary bilen ylalaşylan önümçilik gözegçiliginiň maksatnamasyna laýyklykda önümçilik gözegçiligini amala aşyrmalydyrlar.

9. Önümçilik gözegçiliginiň maksatnamasy şu çäreleri öz içine almalydyr:

1) howuzlaryň suwunyň, howasynyň hiline, yşyklandyryşyň hem-de suwly zolakdaky galmagalyň derejesine barlaghana gözegçiligini geçirmegi;

2) suwy taýýarlamagyň tehnologiýa dessurlarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmegi;

3) işgärleriň şahsy saglyk depderçelerini almak üçin lukmançylyk barlaglaryny guramagy;

4) işgärleriň hünär we gigiýena taýdan degişli okuwdan geçmegini;

5) ulanylýan materiallaryň we himiki täsirli serişdeleriň howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalaryň bolmagyna gözegçilik etmegi;

6) ýaramaz sanitariýa-epidemiologiýa ýagdaýy döredýän heläkçilikler ýa-da tehnologiýa dessurlarynyň bozulmalary barada öz wagtynda ýerli arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklaryna habar bermegi;

7) hyzmat ediji işgärleriň zähmetini goramagy we zähmet gigiýenasy boýunça düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmegi;

8) epidemiýa garşy sanitariýa (öňüni alyş) çäreleriniň ýerine ýetirilişine we şu Sanitariýa kadalarynyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmegi;

9) ýüze çykarylan kemçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilen çäreleri işläp taýýarlamagy hem-de durmuşa geçirmegi.

## II bap. Akwaparklaryň ýerleşdirilmegine, taslamalarynyň işlenilip taýýarlanylmagyna we gurulmagyna bildirilýän talaplar

10. Adamyň ýaşaýyş we durmuş gurşawyna ýetirip biljek zyýanly täsiriniň öňüni almak maksady bilen, akwaparklaryň düzüminde emeli tolkunly, şarlawukly, suw çüwdürimli, gidroaeroowkalama (massažly) gurluşly dürli attraksionlar hem-de dynç alyş zolakly suwa düşülýän kenarlar, howuz we howuzlar toplumlary bolan ýagdaýynda olar ýaşaýyş we durmuş maksatly binalaryň zolaklarynyň çäklerinden aýratyn ýerleşdirilmelidir.

11. Akwaparklar bilen ýaşaýyş jaýlaryna, mekdebe çenli çagalar edaralaryna, mekdeplere, saglygy goraýyş edaralaryna hem-de atmosfera howasynyň hiline, galmagalyň derejesine we beýleki ýagdaýlara (faktorlara) degişli ölçütler bellenilen beýleki desgalaryň arasyndaky arassaçylyk gorag zolaklarynyň ölçegleri, Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2009-njy ýylyň 19-njy iýunynda

489 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Gurluşyk ministriniň 2009-njy ýylyň 11-nji maýynda çykaran MB-94 belgili buýrugy bilen tassyklanan, «Senagat kärhanalaryny taslamaklygyň arassaçylyk kadalary» atly TGK 2.09.04-09 belgili Türkmenistanyň Gurluşyk kadasynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

12. Akwaparklaryň ýanynda akwaparka gelýänler üçin awtoulag duralgalarynyň ýerleşdirilmegi hem şu Sanitariýa kadalaryň on birinji böleginde ady agzalan Türkmenistanyň Gurluşyk kadasynyň talaplaryna esaslanyp kesgitlenilýär.

13. Akwaparklaryň howuzlary Akwaparklaryň howuzlaryna bildirilýän sanitariýa-gigiýena talaplaryna (şu Sanitariýa kadalaryna 2-nji goşundy) laýyk gelmelidir.

14. Akwaparklaryň we aýry-aýry howuzlaryň akwaparka gelýänleri kabul etmek mümkinçiligi, suw üstüniň meýdanyna bildirilýän kadalaşdyryjy talaplardan ugur alnyp Akwaparklaryň howuzlaryna bildirilýän sanitariýa-gigiýena talaplaryna (şu Sanitariýa kadalaryna 2-nji goşundy) laýyklykda kesgitlenilmelidir.

15. Akwaparklaryň esasy otaglarynyň ýerleşişi akwaparka gelýänleriň hereketiniň şu yzygiderlilikde bolmagyny üpjün etmelidir, ýagny geýmasar, egin-eşik çalşylýan, suwa düşülýän otaglar, hajathana otagy we akwaparkyň suwly zolagy.

16. Egin-eşik çalşyrylýan otaglarda akwaparka gelýänler üçin «aýakgaply» we «aýakgapsyz» zolaklaryň aýratyn bölünmegi göz öňünde tutulmalydyr.

17. Egin-eşik çalşyrylýan otaglarda ýa-da olara ýanaşyk otaglarda saçlary guratmak üçin guradyjy enjamlar (fen) gurnalmalydyr.

18. Akwaparklaryň suwly zolagynyň ýerleri (pollary) ýyladylmalydyr, olaryň üst ýüzi typançak bolmaly däldir. Ýerleriň üst ýüzünde suwuň ýygnanmagyna ýol bermezlik üçin ýeterlik mukdarda suw akabalary we eňňitler gurnalmalydyr.

19. Akwaparklaryň howuzlarynyň suwunyň üstünde jemgyýetçilik iýmitiniň we söwda nokatlarynyň (barlaryň, kafeleriň we ş.m.) ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär.

20. Akwaparklaryň düzüminde Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2009-njy ýylyň 22-nji dekabrynda 507 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Gurluşyk ministriniň 2009-njy ýylyň 28-nji iýulynda çykaran MB-148 belgili buýrugy bilen tassyklanan, «Bejeriş-sagaldyş edaralary. Taslama kadalary» atly TGK 2.08.04-09 belgili Türkmenistanyň Gurluşyk kadasynyň talaplaryna laýyk gurnalan, ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin saglyk nokady hem-de gündelik barlaghana barlaglaryny amala aşyrmak üçin niýetlenen önümçilik barlaghana otagy göz öňünde tutulmalydyr.

21. Akwaparklaryň kömekçi otaglarynyň (suwa düşülýän, egin-eşik çalşyrylýan otaglary, hajathanalar we ş.m) ýerleşdirilmegine we enjamlaşdyrylmagyna bildirilýän talaplar:

1) el ýuwulýan enjamly hajathana otagy egin-eşik çalşyrylýan otaglaryň ýanynda ýerleşdirilýär. Aýallar üçin niýetlenen hajathanalarda bir çalşykda 30 sany adam üçin 1 sany unitaz we erkekler üçin niýetlenen hajathanalarda 45 sany adam üçin 1 unitaz we 1 pissuar göz öňünde tutulmalydyr;

2) suwa düşülýän otaglar, egin-eşikleri çalşyrylýan otaglardan akwaparkyň howuzlaryna geçilýän ýodajyklaryň ugrunda çalşykda 3 adama 1 sany suwa düşülýän ýer hasabynda ýerleşdirilmelidir;

3) egin-eşik çalşyrylýan otaglar ýa-da olara ýanaşyk otaglar, aýallar üçin 10 orna we erkekler üçin 20 orna 1 sany saç guradyjy enjam bilen üpjün edilmelidir;

4) hajathanalaryň we suwa düşülýän ýerleriň himiki we dezinfeksiýa erginlerini taýýarlamak we saklamak üçin niýetlenilen otaglaryň üstünde ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär;

5) suwa düşülýän ýerden howuza çenli ýörelýän ýodajygyň ugrunda akar suwly aýak ýuwulýan legen ýerleşdirilmelidir, olaryň ölçegleri adamlaryň aýak ýuwulýan legenlerden aýlanyp ýa-da olaryň üstünden böküp geçmek mümkinçiligini aradan aýyrmalydyr:

a) olar ini boýunça tutuş geçelgäni eýelemelidir, hereketiniň ugry boýunça - uzynlygy 1,8 metrden, çuňlugy - 0,1-0,15 metrden az bolmaly däldir. Legeniň düýbi typançak bolmaly däldir;

b) aýak ýuwulýan legenlerine howuzyň suw taýýarlaýjy ýa-da agyz suwy üpjünçiligi ulgamyndan arassalanan we zyýansyzlandyrylan suw berilmelidir;

ç) suwa düşülýän ýerlerden gönüden-göni howuzyň geçelge ýodajygyna çykylýan halatynda aýak ýuwulýan legenleriň bolmazlygyna ýol berilýär.

6) sowma ýodajyklar we oturdylan oturgyçlar ýyladylmalydyr. Sowma ýodajyklaryň üst ýüzi typançak bolmaly däldir we ýodajyklaryň ýanyndaky akabalara tarap 0,01- 0,02 metr ölçegde eňňitli bolmalydyr.

## III bap. Akwaparklaryň suwuny taýýarlamaga bildirilýän talaplar

22. Akwaparklaryň howuzlarynda suw dolanyşygyny üpjün edýän ulgamlar gurnalmalydyr.

23. Suw dolanyşygynyň häsiýetine laýyklykda, howuzlaryň şu aşakdaky görnüşleri gurlup bilner:

1) dolanyşyk suwly;

2) akar suwly;

3) çalşyrylýan suwly.

24. Suwy dolanyşykly görnüşli howuzlar, Akwaparklaryň howuzynyň suwunyň hil görkezijilerine (şu Sanitariýa kadalaryna 3-nji goşundy) laýyklykda howuz suwunyň hilini üpjün edýän hem-de arassalamak we zyýansyzlandyrmak işini öz içine alýan suw taýýarlaýyjy ulgamlar bilen enjamlaşdyrylmalydyr.

25. Suwy dolanyşykly we akar görnüşli howuzlaryň suwunyň doly çalşygynyň wagty 4 sagatdan köp bolmaly däldir.

26. Suwy zyýansyzlandyrmagyň esasy usuly hökmünde ozonlaşdyrma, ultramelewşe şöhlesi bilen şöhlelendirme we hlorlama usullary ulanylýar.

27. Zyýansyzlandyrmagyň esasy ulanylýan usulynyň dürli sebäplere göra işiniň bozulan halatynda, suwuň doly zyýansyzlandyrylmagyny üpjün edýän hem-de ýokanç we parazitar keselleriniň howuz suwunyň üsti bilen ýokuşmagyny aradan aýyrýan goşmaça ätiýaçlyk usul hökmünde, hlorlama usuly ulanylmalydyr.

28. Suwy taýýarlaýyjy ulgam, himiki täsirli serişdeleriň zerur bolan mukdarynyň awtomatik usulda berilmegini üpjün etmelidir.

29. Suwy taýýarlamagyň bitewi ulgamyna iki ýa-da ondan köp sany howuzlaryň yzygiderlilikde birleşdirilmegine ýol berilmeýär.

30. Taýýarlanan suwy beriji ulgam, suwuň düzümindäki zyýansyzlandyryjy serişdeleriň mukdarynyň we suwuň temperaturasynyň howuzyň hemme ýerinde deň derejede bolmagyny üpjün etmelidir.

31. Ähli görnüşli howuzlar, howuza berilýän başlangyç suwuň mukdaryny ölçeýji enjam bilen enjamlaşdyrylmalydyr.

Suwy dolanyşykly görnüşli howuzlar bolsa, ondan başga-da dolanyşykdaky taýýarlanan suwuň mukdaryny ölçeýji enjam bilen enjamlaşdyrylmalydyr.

32. Akar suwly we suwy täzelenýän howuzlara suw üpjünçiliginiň merkezleşdirilen ulgamyndan berilýän suwuň hili mikrobiologiki görkezijiler boýunça Akwaparklaryň howuzynyň suwunyň hil görkezijilerine (şu Sanitariýa kadalaryna 3-nji goşundy) laýyk gelen ýagdaýynda, ol suw goşmaça zyýansyzlandyrylmazdan ulanylyp bilner.

33. Howuzlaryň dökülýän suwlarynyň, süzgüçleriň, howuzlaryň düýbüniň we diwarlarynyň, ýanýodalarynyň ýuwulmagynyň netijesinde emele gelen zyňyndy suwlar lagym ulgamyna dökülmelidir.

34. Merkezleşdirilen lagym ulgamynyň ýok ýerlerinde howuzlaryň dökülýän suwlary we süzgüçleriň, howuzlaryň diwarlarynyň, ýanýodalarynyň ýuwulmagynyň netijesinde emele gelen zyňyndy suwuň görkezijileri Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2005-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda 361 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky jemagat hojalygynyň usulyýeti we pudagy ösdürmek baradaky barlag institutynyň 2005-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda çykaran 56 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň suw desgalaryna göýberilýän (akdyrylýan) hapa-syryntgy suwlaryna bildirilýän talaplar hakynda kadalaryň talaplaryna laýyk gelmelidir.

35. Howuzlar lagym ulgamyna kabul ediji guýgujyň ýokarky üstünden, lagym suwunyň we onuň ýakymsyz ysynyň lagym geçirijilerinden howuza gaýtadan aralaşmagyny aradan aýyrýan howa boşlugy bilen çatylmalydyr.

## IV bap. Akwaparklaryň suwunyň we howasynyň hiline, yşyklandyryşyň we galmagalyň derejesine bildirilýän talaplar

36. Akwaparklaryň howuzlarynyň suwunyň hili Akwaparklaryň howuzynyň suwunyň hil görkezijilerine (şu Sanitariýa kadalaryna 3-nji goşundy) laýyk gelmelidir.

37. Akwaparklaryň howuzlarynyň suwunyň hiline gözegçilik etmek üçin, suwy taýýarlaýjy ulgamyň ähli tapgyrlaryndan barlaghana barlaglaryna suwuň nusgalyklaryny almak üçin gurluşlar (kranlar) ähli görnüşli howuzlarda başlangyç suwuň berilýän ýerinde, suwy dolanyşykly görnüşli howuzlarda suwy arassalamagyň we zyýansyzlandyrmagyň her bir tapgyrynyň öňünde we soňunda hem-de taýýarlanan suwuň howuza berilmeginiň öň ýanynda gurnalan bolmalydyr.

38. Howuz suwunyň barlaghana barlaglaryny geçirmek üçin Önümçilik barlaghana gözegçiligini geçirmegiň maslahat berilýän görkezijilerine we ýygylygyna (şu Sanitariýa kadalaryna 4-nji goşundy) laýyklykda nusgalyklary almagyň tertibi işlenilip düzülmelidir we akwaparkyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylmalydyr.

39. Howuz suwunyň üst ýüzüniň meýdany 50 m2 uly bolan ýagdaýynda nusgalyklar howuzyň azyndan iki sany nokadyndan, ýagny howuzyň çuň däl we çuň ýerlerinden, suwuň ýüzünden 20-30 sm çuňlukdan alynmalydyr.

40. Suwy taýýarlamagyň tehnologiýa dessurlaryna üýtgetmeler girizilende, bejeriş-abatlaýyş işleri geçirlenden soňra ýa-da şikaýatlar ýüze çykan halatynda howuzlaryň suwunyň hiline nobatdan daşary barlaghana barlaglary geçirilmelidir.

41. Akwaparklarda önümçilik barlaghanasynyň bolmadyk ýagdaýynda barlaghana gözegçiligi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde akkreditirlenen barlaghana bilen baglaşylan şertnama esasynda amala aşyrylyp bilner.

42. Akwaparklaryň suw zolagynyň howasynyň hil görkezijileri şu talaplara laýyk gelmelidir:

1) hloroformyň mukdary 0,05 mg/m$^3$ köp bolmaly däldir;

2) hloryň mukdary 0,1 mg/m$^3$ köp bolmaly däldir;

3) howanyň temperaturasy iň uly meýdanly howuzyň suwunyň temperaturasyndan 1ºC ýokary bolmalydyr;

4) howanyň otnositel çyglylygy 65 % köp bolmaly däldir;

5) howanyň hereketiniň tizligi 0,2 metr sekuntdan ýokary bolmaly däldir.

43. Akwaparklaryň zallary, egin-eşik çalşyrylýan otaglary, tehnologiýa enjamly jaýlary we himiki täsirli serişdeleriň saklanylýan ammarlary howany täzeleýji-çekiji şemalladyjylaryň özbaşdak ulgamlary bilen üpjün edilmelidir.

44. Howuzlaryň suwunyň üst ýüzüniň yşyklandyryş derejesi 100 lýuksdan pes bolmaly däldir.

Howuzlar kadaly iş wagtyndaky yşyklandyryşdan başga-da, 5 lýuksden az bolmadyk yşyklandyryş derejesini üpjün edýän özbaşdak yşyklandyryjy bilen üpjün edilmelidir.

45. Akwaparklaryň suw zolagyndaky galmagalyň derejesi 82 dBA ýokary bolmaly däldir.

## V bap. Akwaparklarda epidemiýa garşy sanitariýa (öňüni alyş) çäreleriniň ýerine ýetirilişine bildirilýän talaplar

46. Akwaparklarda gündelik arassaçylyk işleri iş gününiň ahyrynda geçirilmelidir. Hajathanalarda, suwa düşülýän we egin-eşik çalşyrylýan otaglarda, akwaparkyň suwly zolagynyň ýerlerinde, gapylaryň tutawaçlarynda we tutalgalarynda hem-de akwaparkyň öwselelerinde (oturgyçlarynda, ýatakçalarynda we ş.m.) gündelik dezinfeksiýa işleri geçirilmelidir.

47. Mör-möjeklere we gemrijilere garşy dezinseksiýa we deratizasiýa çäreleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 13180-nji karary bilen tassyklanan, Ygtyýarlylandyrylmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleri boýunça ygtyýarlylandyryjy edaralaryň sanawyna hem-de ygtyýarnamalaryň berilmegi üçin alynýan döwlet pajynyň möçberlerine laýyklykda, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan dezinfeksion, dezinseksion we deratizasion işleri geçirmek boýunça işi amala aşyrmak barada berlen degişli ygtyýarnamasy bolan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan aýda bir gezekden az bolmadyk ýygylykda geçirilmelidir.

48. Suwy çalşyrylýan howuzlaryň arassaçylyk taýdan işlenilip geçilmegi howuzyň hanasyny mehaniki taýdan arassalamagy we onuň içini dezinfeksiýa serişdeleri bilen işläp geçmegi öz içine almalydyr.

49. Akwaparklaryň suw zolagynda hyzmat edýän işgärler (saglygy goraýyş işgärleri, halas edijiler we ş.m.) işe kabul edilende hökmany deslapky we döwürleýin lukmançylyk barlagyndan Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2018-nji ýylyň 1-nji maýynda 1134 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2018-nji ýylyň 6-njy aprelinde çykaran 124 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesiniň Tertibine we lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli bolan işleýän raýatlaryň toparlarynyň Sanawyna laýyklykda geçirilmelidir.

Lukmançylyk barlagynyň netijeleri şahsy saglyk depderçelerine bellenip, olar akwaparkyň ýolbaşçysynda saklanmalydyr.

50. Akwaparklaryň ýolbaşçysy himiki täsirli serişdeler we enjamlar bilen işleýän işgärleri ýöriteleşdirilen iş eşikleri, hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen üpjün etmelidir.

51. Akwaparklaryň ýolbaşçylygy Akwaparka gelýänler tarapyndan akwaparky ulanmagyň düzgünlerini işläp düzýär we tassyklaýar.

Akwaparka gelýänler tarapyndan akwaparky ulanmagyň düzgünlerinde sanitariýa-epidemiologiýa howpsuzlyk çäreleri, ýagny akwaparky ulanmak üçin garşy görkezmeler, akwaparka gelýänleriň şahsy gigiýenany berjaý etmegi boýunça borçlary (şol sanda howuza girmezden öň suwa düşünmek) we ş.m. görkezilmelidir.

Akwaparklaryň işgärleri Akwaparka gelýänler tarapyndan akwaparky ulanmagyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmelidir.

52. Akwaparka gelýänler tarapyndan akwaparky ulanmagyň düzgünleri akwaparka gelýänleriň tanyşmagy üçin akwaparkyň baş girelgesinde, egin-eşik çalşyrylýan otaglarynda we beýleki görnüp duran ýerlerde goýulmalydyr.

53. Howuzyň suwuna geçirilen mikrobiologiýa barlaglarynyň kanagatlanarsyz netijeleri ýüze çykarylan halatynda, akwaparkyň ýolbaşçysy tarapyndan suwuň hilini gowulandyrmak boýunça goşmaça çäreler amala aşyrylmalydyr:

1) mikrobiologiýa görkezijileri boýunça geçirilen barlaghana barlaglarynyň netijelerinde ikinji gezek kanagatlanarsyz netije ýüze çykarylan halatynda akwaparkyň ýolbaşçysy howuzyň hanasynyň mehaniki taýdan düýpli arassalanmagyny we dezinfeksiýa taýdan işlenilip geçilmegini üpjün etmelidir;

2) howuzyň hanasy, süzgüçleri we beýleki enjamlary dezinfeksiýa taýdan işlenilip geçilmelidir we howuzyň suwy täzelenmelidir. Soňra suwuň barlaghana barlaglary gaýtadan geçirilmelidir;

3) ýokarda agzalan çärelerden soňra geçirilen barlaghana barlaglary boýunça kanagatlanarsyz netije alnan ýagdaýynda, hapalanmanyň esasy sebäpleri (çeşmeleri) ýüze çykarylýança hem-de aradan aýrylýança howuzyň işi wagtlaýyn togtadylmalydyr.

54. Otaglarda we öwselelerde geçirilýän gündelik arassaçylyk we dezinfeksiýa işleriniň netijeliligine baha bermek maksady bilen her üç aýdan, azyndan bir gezek ýuwundylar alynmalydyr we mikrobiologiýa barlaglary geçirilmelidir.

Ýuwundylaryň nusgalyklary tutalgalardan, egin-eşik çalşyrylýan otaglardaky oturgyçlardan, suwa düşülýän otaglaryň ýerlerinden, hajathanalaryň gapylarynyň tutawaçlaryndan we akwaparkyň öwselelerinden (ýatakçalardan, halkalardan, düşekçelerden we ş.m.) alynmalydyr.

Ýuwundylaryň nusgalyklaryna mikrobiologiýa görkezijileri boýunça geçirilen barlaglaryň kanagatlanarsyz netijesi alnan halatynda, akwaparkyň ýolbaşçysy otaglaryň we öwseleleriň dezinfeksiýa taýdan işlenilip geçilmegi boýunça goşmaça çäreleriň geçirilmegini üpjün etmelidir hem-de barlaghana barlaglarynyň gaýtadan geçirilmegini guramalydyr.

55. Suwdan alnan nusgalyklarda we üst ýüzlerden alnan ýuwundylarda ýokanç we parazitar kesellerini döredijileri gaýtadan ýüze çykarylan ýagdaýynda, akwaparkyň ýolbaşçysy tarapyndan ýokanç keselleri döredijileri özünde saklaýan

işgäri ýüze çykarmak maksady bilen akwaparkyň işgärleriniň degişli barlaghana barlaglaryndan geçirilmegini guramalydyr.

56. Önümçilik gözegçiliginiň çäginde geçirilen barlaghana barlaglarynyň netijeleri boýunça maglumatlar ýerli arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklarynyň edaralaryna her aýda azyndan bir gezek tabşyrylmalydyr.

57. Akwaparklaryň howuzynyň suwunyň hiliniň Akwaparklaryň howuzynyň suwunyň hil görkezijilerine (şu Sanitariýa kadalaryna 3-nji goşundy) laýyk gelmedik ýagdaýynda, gaýragoýulmasyz ýagdaýda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň ýerli edaralaryna habar berilmelidir.

58. Akwaparka gelýänlere we işleýänlere ýokuşyp biljek ýokanç we parazitar kesellerini dörediji mikroorganizmleriň Sanawynda görkezilen ýokançlar babatynda dörän epidemiologiýa ýagdaýyny göz öňünde tutmak bilen, akwaparka gelýänlerden saglygy goraýyş edaralarynyň kepilnamalary talap edilip bilner.

59. Akwaparklaryň sanitariýa-tehniki ýagdaýlarynyň kanagatlanarsyz bolmagy, suwy taýýarlamagyň tehnologiýasynyň dessurlarynyň bozulmagy (ulanylýan suwuň talaba laýyk arassalanmazlygy, süzülmezligi, zyýansyzlandyrylmazlygy), otaglaryň syrylyp-süpürilmegi üçin zerur bolan gündelik ulanylýan serişdeleriň üpjünçiliginiň ýeterlik bolmazlygy, geçirilýän arassaçylyk we zyýansyzlandyryş işleriniň hiliniň pes bolmagy we ş. m. bilen bagly ýagdaýlarda, ýüze çykýan kemçilikler düzedilýänçä akwaparklaryň işi, onuň ýolbaşçysy tarapyndan wagtlaýyn togtadylmalydyr.

Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna
we olardaky suwuň hiline bildirilýän
Sanitariýa kadalaryna
1-nji goşundy

## Akwaparka gelýänlere we işleýänlere ýokuşyp biljek ýokanç we parazitar kesellerini dörediji mikroorganizmleriň Sanawy

| Ýokanç we parazitar kesellerini dörediji mikroorganizmler | Ýokanç we parazitar kesellerini döredijileriň çeşmesi | Ýokanç we parazitar kesellerini döredijileriň ýokuşmasynyň öňüni almagyň esasy usullary |
|---|---|---|
| Legionellalar | Howadaky gaýýan bölejikler (aerozollar) | Suwy 60 ºC ýokary temperatura çenli gyzdyrmak;<br>20 mJ/sm$^2$ az bolmadyk mukdarly ultramelewşe şöhlesi bilen şöhlelendirmek |
| Lýambliýalar<br>Klostridiýalar<br>Amýobalar | Ýokanç keselli näsaglardan we ýokanç keselleri döredijileri | Taýýarlanylan suwuň bulançaklygyny 0,5 mg/l ýokary bolmazlygyny üpjün etmek bilen, |

| | | |
|---|---|---|
| | özünde saklaýanlardan nejasat düşende howuzyň suwy | öňünden koagulýasiýa geçirip, netijeli süzmek;<br>akwaparka gelýänleriň arasynda arassaçylyk babatda wagyz-nesihat işlerini geçirmek |
| Adenowiruslar<br>Stafilokokklar | Howadaky gaýýan bölejikler, ýokanç keselli näsaglardan we ýokanç keselleri döredijileri özünde saklaýanlardan degişli mikroorganizmler düşende howuzyň suwy | Howuzyň suwuny netijeli zyýansyzlandyrmak:<br>akwaparka gelýänleriň galtaşýan zatlarynyň üstlerini zyýansyzlandyrmak:<br>akwaparka gelýänleriň arasynda arassaçylyk babatda wagyz-nesihat işlerini geçirmek |
| E. coli we beýleki kesel dörediji, şertli kesel dörediji bakteriýalar | Ýokanç keselli näsaglardan we ýokanç keselleri döredijileri özünde saklaýanlardan nejasat düşende howuzyň suwy | Howuzyň suwuny netijeli zyýansyzlandyrmak:<br>akwaparka gelýänleriň arasynda arassaçylyk babatda wagyz-nesihat işlerini geçirmek |
| Psewdomonadlar | Howuzlaryň gyzdyrylýan suwy | Howuzyň suwuny netijeli zyýansyzlandyrmak:<br>Akwaparka gelýänleriň arasynda arassaçylyk babatda wagyz-nesihat işlerini geçirmek |
| «A» gepatit wirusy<br>Deňiz mikobakteriýasy | Ýokanç keselli näsaglardan we ýokanç keselleri döredijileri özünde saklaýanlardan nejasat düşende howuzyň suwy | Howuzyň suwuny netijeli zyýansyzlandyrmak:<br>taýýarlanan suwuň bulanyklygynyň 0,5 mg/l ýokary bolmazlygyny üpjün etmek:<br>akwaparka gelýänleriň arasynda arassaçylyk babatda wagyz-nesihat işlerini geçirmek |
| Papilloma wirusy<br>Dermatoid kömelejikleri | Näsaglaryň deri bölejikleri düşen howuzlaryň töweregindäki ýerleriň we desgalaryň çygly üstleri | Akwaparka gelýänleriň aýaklary bilen galtaşýan üstleri netijeli zyýansyzlandyrmak:<br>şahsy şypbyk köwüşleri geýmek |

Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna
we olardaky suwuň hiline bildirilýän
Sanitariýa kadalaryna
2-nji goşundy

## Akwaparklaryň howuzlaryna bildirilýän sanitariýa-gigiýena talaplar

| Howuzlaryň niýetlenilişi | Suwuň üst ýüzüniň meýdany, 1 adama/m$^2$ - dan, az bolmaly däl | Suwuň temperaturasy , ºC |
|---|---|---|
| Oturylýan orunly “jakuzi” görnüşli gidroaeroowkalamaly howuzlar | 0,8 (0,4 az bolmaly däl) | 35-39 |
| Suwa çümmek üçin howuzlar | 1,5 | 15 gradusa çenli |
| Çuňlugy 60 sm çenli bolan çagalar üçin howuzlar | 2,0 | 29-32 |
| Dynç alyş howuzlary | 2,5 | 28-30 |
| Ýüzülýän howuzlar | 4,5 | 26-29 |

Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna
we olardaky suwuň hiline bildirilýän
Sanitariýa kadalaryna
3-nji goşundy

## Akwaparklaryň howuzynyň suwunyň hil görkezijileri

| Görkeziji | Ölçeg birligi | Kadalyk ölçegi |
|---|---|---|
| Suwuň bulançaklygy | mg/l | 1,0 köp bolmaly däl |
| Suwuň reňki | gradus | 5 köp bolmaly däl |
| Suwuň ysy | ball | 3 köp bolmaly däl |
| Wodorodyň ionlarynyň mukdary | PH | 6,5-7,8 |
| Birleşen hloryň galyndysy | mg/l | 1,2 köp bolmaly däl |
| Birleşmedik erkin hloryň galyndysy (gidroaeroowkalamaly howuzlardan başgalarynda) | mg/l | 0,3-06 |
| Birleşmedik erkin hloryň galyndysy, gidroaeroowkalamaly howuzlarda | mg/l | 0,3-1,0 |
| Ammoniý azoty (azot boýunça) | mg/l | 0,6 köp bolmaly däl |
| Ozon (ozonlaşdyrma usuly ulanylanda) | mg/l | bolmaly däl |
| Permanganat okislenmesi | mg/l | 0,75 köp bolmaly däl |
| Hloroform | mg/l | 0,2 köp bolmaly däl |
| Formaldegid (ozonlanlaşdyrma usuly ulanylanda) | mg/l | 0,05 köp däl |
| Umumy mikrob sany (UMS) | 1 millilitrde | 100 köp bolmaly däl |
| Umumy koliform bakteriýalar (UKB) | 100 millilitrde | bolmaly däl |
| Termotolerant koliform bakteriýalar (TKB) | 100 millilitrde | bolmaly däl |
| Kolifaglar | 100 millilitrde | bolmaly däl |
| Altynsöw stafilokokk (Staphylococcus aureus) | 100 millilitrde | bolmaly däl |

| | | |
|---|---|---|
| Içege ýokanç kesellerini döredijiler | 1000 millilitrde | bolmaly däl |
| Gökiriňli taýajyk (Pseudomonas aeruginosa) | 100 millilitrde | bolmaly däl |
| Lýambliýalaryň sistalary | 50 millilitrde | bolmaly däl |
| Gelmintleriň ýumurtgalary we tohumlary | 50 millilitrde | bolmaly däl |
| Legionella (Legionella pheumophilia) | 100 millilitrde | bolmaly däl |

Howuz suwunyň hili, howuzyň ulanylyp başlan pursatynda şu Akwaparkyň howuzynyň suwunyň hil görkezijilerine laýyk gelmelidir.

Howuz suwunyň hili, ulanylyp bozulandan soň, umumy mikrob sanyndan başga görkezijiler boýunça şu Akwaparkyň howuzynyň suwunyň hil görkezijilerine laýyk gelmelidir.

Akwaparklaryň gurluşyna, ulanylyşyna
we olardaky suwuň hiline bildirilýän
Sanitariýa kadalaryna
4-nji goşundy

## Önümçilik barlaghana gözegçiligini geçirmegiň maslahat berilýän görkezijileri we ýygylygy

| Görkeziji | Gözegçiligiň ýygylygy |
|---|---|
| Howuzyň suwy | |
| Suwuň bulanyklygy | iş wagtynda 1 gezek |
| Suwuň reňki | |
| Suwuň ysy | |
| Suwuň temperaturasy | |
| pH wodorod görkezijisi | işe başlamazdan öň we soňra her 4 sagatdan |
| Birleşen hloryň galyndysy | |
| Birleşmedik erkin hloryň galyndysy | |
| Ozon (ozonlaşdyrylanda) | |
| Permanganat okislenmesi | aýda 1 gezek |
| Hloroform | |
| Formaldegid (ozonlaşdyrylanda) | |
| Ammoniý azoty | |
| Umumy mikrob sany (UMS) | hepdede 1 gezek |
| Umumy koliform bakteriýalary (UKB) | |
| Termotolerant koliform bakteriýalary (TKB) | |
| Kolifaglar | |
| Altynsöw stafilokokk (Staphylococcus aureus) | |
| Içege ýokanç kesellerini döredijiler | UMS, UKB we/ýa-da TKB görkezijileriň kanagatlanarsyz bolan ýagdaýlarynda barlanylmaly |
| Gökiriňli taýajyk (Pseudomonas aeruginosa) | |
| Lýambliýalaryň sistalary | |
| Gelmintleriň ýumurtgalary we tohumlary | |
| Legionella (Legionella pheumophilia) | |

| Suw zolagynyň howasy | |
|---|---|
| Hloroform | suwda hloroformyň mukdary 0,2 mg/l köp bolan ýagdaýynda barlanylmaly |
| Hlor | |
| Temperatura | iş wagtynda 1 gezek |
| Otnositel çyglylyk | |
| Howanyň hereketiniň tizligi | Akwaparklar açylmazyndan öň we  şemalladyjy enjamlary bejerilenden (çalşyrylandan) soňra |
| Beýleki görkezijiler | |
| Suw üstüniň yşyklandyrylyşy | Akwaparklaryň açylmazyndan öň we yşyklandyryş, şemalladyjy enjamlary bejerilenden (çalşyrylandan) soň |
| Galmagalyň derejesi | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 12-nji aprelinde 1211 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.